# Terk edilen toba / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Terk edilen toba / hekaýa TERK EDILEN TOBA



— Alo, Şahnoz han, gowumy sen?!
— Salam Ýadygär aga!
— Ýadygär aga? Näme Ýadygär aga boldukmy indi?
— Size bir zat aýtjakdym.
— Bolýa, ertir öňki ýerimize gideli, şol ýerde näme aýdasyň gelse baş üstüne, janym.
— Ýadygär aga, men size aýtjagym, neme.. Indi men şu işleri halysalla goýjak. Ýadygär aga, öňümizdäki juma güni namaz okap başlajak nesip bolsa.
— Seniň çynyňmy, Şahnoz?
— Çynym, Ýadygär aga, men namaza başlajak, senem maňa düşünjek bol.
— Ýöne men seni gowy görýän, Şahnoza, seni nähili…
— Ýadygär aga, men bilýän, — diýip, Şahnoza onuň sözüni böldi.
— Seniň nähili gowy görýäniňi bilýän… Ýadygär aga…
Ýadygär:

– Şahnoz, ýa men seň göwnüňe ýetip bilemokmydym – diýip, gyzdan özelenip sorady?
– Ýok, gep onda däl, ýöne men indi toba etdim, Hudaý bar, indi diňe namaz okap ýaşajak.
Ýadygär endikli dodagyny dişläp durşuna:
– Bolýa, namaz okajak diýýän bolsaň, toba edeniň çyndyr.
Şahnoza Ýadygäriň telefonyny birden öçürip goýbereni üçin başga wagt bolan bolsa gaty görerdi, ýöne bu wagt däl.
* * *

Iki ýyla dönen iki gün.
Baý kyn geçdi dogrusy.
Dogrusy Ýadygär üçin şeýle. Şahnoz nämüçindir parahat. Hiç bir zat piňine däl. Ýok, ol namaz okamak niýetinde. Indi näçe wagt bäri telefonynda namaz okamagy öwredýän programmalar bar. Birtopar wagyzlaram bar.
Metjitden satyn alynan müşküni alkymynyň aşagyna çalaja degren gyz, gözlerini süzüp ýakymly ysa melul boldy. Soňra ýarym sagatdan bäri garderobyndan ýygnan eşiklerini bir pakede dykyşdyrdy. Gymmatbahadan alnan eşiklerine birazajyk gynandam ol aslynda. Mini ýubkalar, arkasy açyk koftalar… Ýöne namaz okajak bolsam, beýle açyk-saçyk eşikleri geýip bilmejek. Belki öýüň içinde geýip bolar diýip, manysyz oýlanyp goýberdi, soň bu gyssanmaç gelen pikiriň gülkünçdiginden utandy. Şonda-da barybir inçejik içkilerini bir gyra goýdy. Ol Ýadygäriň özüne «Meň ýanyma geleňde mersedes türsügiňi geýip geläýde» diýip, özelenişini ýatlap çalaja ýylgyrdy. «INDI HAKYKATDAN TOBA ETMELI». Şahnoza bu sözleri 33 gezekden gaýtalanýan tesbih ýaly içinden gaýtalaýar indi. Metjidiň ymamy näme diýipdi: Allahu subhanehu tealanyň toba gapysy açykdyr. Oňa mü’minler has ir girjek bolup howlugarlar.

* * *

Tomzak diýip lakam berlen Matiz ulagy. Bu tarapda iň kän ulag. Şeýle ulaglardan biri Şabat tarapa gidýän köprüniň aşagynda indi kän wagt bäri gozganman dur. Ýadygär ulagyň roluna ýaplanyp irkilen ýaly. «Ýatyp bilemok wapşe, kelle işlänok. Şahnoz».

Ýadygär Şahnoza bilen soňky gezek gepleşende telefony ýüzüne goýup goýberen ýaly, hoşlaşman birden öçürip goýberipdi. Şeýle owadan gyzyň özüni terk edýändigi onuň içini ýakyp barýar. Gaharmy, gabanjaňlyk ýa öýke?! Haýsydygyny hem bilenok. Emma ýene Şahnozyny göresi gelip dur. «Suçka» diýip, maza bilen sögündi, öz ýanyndan, namaz okamak nämäňe gerek diýsene. Amjygyň keýpini görüp ýaşabermeli ahbeti. Ýa-da men seni ulanyp bir zada zar etdimmi?! Agzyň geplese, aýdan zadyňy tapyp saňa iýdirerdim, geýdirerdim. Salona gitmek üçin, dodagyňa botaks etdirmek üçin, aýratyn pul berýärdim, Şahnozam?! Başga-da planlar bardy».
Ol türkde ýören gyz doganynyň jaý üçin ugradan pulunyň ujundan özüne hem bir otagly jaýjagaz alyp, oňa hem Sahnozasyny eltmegiň niýetinde ýördi. Bu oňa sýurpriz bolmalydy.
Ýadygär «Bu belki bir bet senarýo bolmasyn – diýip, ýene oýlandy. – Menden dynmak üçin oýlanyp tapylan bir k#tak senarýo bolmasyn.»

* * *

Şahnoza öz otagynda ýeke. Telefony jana geldi, ýakymly saz. Emma tel ýüzüne bakyp gyzyň inçe gaşlary çytyldy. Telefony göwünsiz alan Şahnoza:
-Diňleýän – diýdi. – Aýdyberiň Ýadygär aga!
– Öň maňa Ýadygär aga diýmeýärdiň, Şahnoz?!
– Men size aýtdym-a, Ýadygär aga, men namaza başlajak, inşalla, Sizi hem agam ýaly görýän şonuň üçin.
Ýadygär gaharlanman parahat:
– Öň bileje eden işleriň indi maňa aga diýmäge rugsat berýärmi? Birhili dälmi?!
Şahnoza dymdy biraz:
– Sizem namaza başlasaňyz maňa dogry düşünerdiňiz, Ýadygär aga.
– Şahnoz, senden iň soňky haýyşym, dilegimi bitirjek bol.
Şahnoza:
– Näme haýyş, näme dileg, Ýadygär aga – diýip, telefony özüne has golaý tutdy.- Aýdyberiň, elimden gelse janym bilen edeýin.

– Eliňden gelýä, Şahnoza, soňky gezek seň bilen bolasym gelýä, maňa ýok diýme.
Şahnoza ýok diýjek boldy, emma:
– Geçen günleriň hatyrasyna – diýdi Ýadygär.
Şahnoza dymdy.
Ýadygär ýene:
– Men seň bilen iň soňky gezek bolmak isleýän, maňa bolýa diý, haýyş. Soň gaýdyp hiç görüşmeýäs.
Şahnoza:
– Bolýar – diýdi biragyz.

***

Şahnoza Ýadygärden hiç ýamanlyk görenok. Ýagdygär elinden gelen kömegi gaýgyrmandy gyzdan. Şol kömek-goldawlary ýatlasa Şahnoza içinden gaty minnetdar bolýar.
Häzir howa gow-a, şol gün bolsa erbet aýazdy. Kakasyny keselhanadan çykarmak üçin kime ýalbarmady. Hiç kim etmedi. Şahnoza ýaman ejizledi sonda. Kömek soranda bir Ýadygär ýok diýmedi. «Wah ýöne meň maşynymyň peçkasy işlänok, ataň ýaramaýan bolsa, üzülmezmikä özi» diýip, alada edip duýdurdy. Soňra olary öýlerine alyp gaýtdy, ýolda Şahnozanyň ýarawsyz kakasy bilen dünýäniň gürrüňini etdiler. Şahnoza kakasynyň arkasynda sesini çykarman otyrdy. Ulagyň äpişgelerinden daşaryny synlap barşyna Ýadygärden minnetdar boldy. Ýaşuly adamlar bilenem dil tapyşyp bilýän eken, atamyň içini gysdyrmady ýolboýy
Olary öýlerine düşürip, sagbollaşanda Şahnoza pul uzatdy, Ýadygär almajak bolup, indiki gezek alaýaryn diýip bahana tapdy. Şahnoza oňa birenäýy seretdi:
– Onda bir boş günüňiz aýlanyň, myhmanlaýyn sizi.
Ýadygär kän wagt gäçmän Şahnozanyň ýanyna myhmançylyga bardy. Dogrusy, olar myhmançylyga gitdiler. Pynhan ýerde, ikiçäk…
Ýadygär şonda Şahnozanyň nähili eşret berip bilýändigini gördi.
Soňra Ýadygär ony sypdyrmady, aslynda Şahnoza hem ondan gaçjak bolmandy. «Atamyň dokumentlerini dogrulap, Inwalidlik boýunça

pensiýa çykaryp bereni üçin bir ömür bergili men oňa» diýip, Şahnoza içinden oýlandy. Şonuň üçinem ol Ýadygäriň soňky haýyşyny bitirimegi özüne borç bildi, şondan soň namaza başlaýan inşalla.

***

Wokzal köçesiniň 66-nji jaýy. Ýadygär şu 66 jaýyň 6 kwartirasyny hemişelik diýen ýaly kireýine alyp goýupdy. Bu jaý bir tatar kempire degişli. Özi obada ýaşansoň bu kwartirany mydama kireýine berýär.
Şahnoza gelýänçä iki gatly jaýyň ýokarky gatynda bir özi oturan Ýadygär sanlara haýran galýar. 66/6. Ümsüm ýer, hiç azar berjek.adam-gara ýok ýer. Sifrlerini diýsene 666. Tersine öwürseň 999. Hahaha. Aslynda Ýadygär üç sany altylygyň şeýtany sanlar hasaplanýanyny bilmeýär, bilse beter gülerdi. Şahnoza hemişeki ýaly gijä galyp geldi. Ýadygär bir guty çilimini ýarpylap barýardy ol gelende. Şahnoza bu gün has anjaýyn. Sepinen atyry hem üýtgeşik. Olar ikiçäk. Ýöne Ýadygär hem bu gün başgaça. Şahnoza ony tanap dursa-da, göwnüne ol başga bir adam ýaly. Gyz gele-gelmän Ýadygär ony bagryna basdy, soňam dodaklary bilen gyzyň ýuka lebine ýapyşdy, eller aşakdan eşikleri sypyryp ugrady. Ol öňem şeýderdi, Şahnoza hem «Durup duruň, özüm ýeçinemen» diýip, öz şiwesinde garşylyk görkezerdi. Bu gezek beýle däl. Gyz onuň özüniň egnindäki eşiklerini emaý bilen çykaryşyny sessiz synlaýarka öňräk kakasynyň aýdan sözlerini ýatlady. Ýadygär onuň uzyn köýnegini, öň ýüzüne çöwrüp, gapdala goýdy. Bu soňky duşuşyk, başgaça hem bolmaly. Adam gowy görýän zadynyň elden gidip barýandygyna gözi ýetende, ony eýdip-beýdip saklajak bolýar. Ýadygäriň ýagdaýam şeýle bolmaly meger. Öňler ol duşuşanlarynda gele-gelmäne eşiklerini sypyryp, ýüpden boşan ýaly hereket edýärdi. Düşekde Şahnozy it edip oýnaýardy. Üstüme çyk, ommaldyp goýup etjek, döküp bilemok, garaz her dürli hokga tapyp azar ýamanyny berer. Iň erbedem arkasyndan gelip etmesi, şol wagt saçlaryndan çekip ýa sagrysyna şapbat bilen urup gyzy azarlaýar.

Bu gün bolsa Ýadygär başgaça. Şahnoza halys garaşmandy. Ol gyzyň ýaňagyndan ogşap, ony düşege geçirdi. Ýadygär bu gezek derman hem içmän gelipdi. Şonuň üçin tiz boldy, Şahnoza dökübem ýetişmedi. Göwüslerine başyny goýup, süp-süýji sojaýan Ýadygäriň saçlaryny oýnap ýatan Şahnoza ýene kakasynyň aýdan sözlerini ýatlady: «Gyzym, bilýäňmi, adam özüne serpaý berilen ömründe iň gymmatly zatlaryň gadryny bilmän, har edýär, soňam biderek zatlary apalap, gadyrlap ýörmeli bolýar. Iň ýönekeý mysal, wagtynda dişlerimize seretmeýäs, soň kösenip, diş goýduryp, ýasama dişlerimizi gymmat diş pastalary bilen arassalap gezmeli bolýas, Seret nähili gülkünç ýagdaý». Kakasynyň näme aýtsa-da, bir zady meňzetme getirip, bir zatdan mysal alyp gepleýşi Şahnoza ýaraýar. Şeýle aýdylanda gep jüpüne düşýär, hemişe ýadyňda durýar.
Şahnoza kakasynyň sözlerini we Ýadygäriň häzirki boluşyny aňynda aýlap:
– Ýadygär- diýip, gujagynda ýatanyň adyny tutdy. – Ýadygär, sen meniň düýnki aýdanymy unut. Men namaz okajak däl, men seniň ýanyňda boljak, hemişe seniň hyzmatyňda, seniň aýdanyňy etjek.
Ýadygär gulagyna ynanmady. Şahnoza oýun etjek gyz däl, ýöne birbada aljyran ýigit başyna galdyryp, gyzyň gözlerine garady:
– Çynyňmy, Şahnoz!
– Çynym!
Ýadygär ýalaňaç halynda örboýuna galyp durşuna:
– Allaha şükür – diýip, gollaryny göge uzatdy.

Isgender MÄLIK.

07.11.24. Hekaýalar